***Şu günler Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň «Rok» aýdym-saz topary hem-de aýdymçy Jessika Lin türkmen paýtagtynda myhmançylykda bolýar. Myhmanlar düýn — 5-nji iýulda «Türkmenistan» kinokonsert merkezinde, bu gün — 6-njy iýulda bolsa «Arkaç» söwda-dynç alyş merkezinde konsert bilen çykyş etdiler. Konsertler paýtagtymyzyň ýaşaýjylarynyň we myhmanlarynyň ýüzlerçesini bir ýere jemledi.***



Konsertler ABŞ-nyň Türkmenistandaky ilçihanasy tarapyndan guralyp, ilçi Elizabet Ruduň hut özüniň gatnaşmagy dabaralaryň ähmiýetini artdyrdy. Bu dabaralar türkmen-amerikan gatnaşyklarynda medeni dialoga aýratyn uly ornuň degişlidigini görkezýär.

Все права защищены





Konsertiň dowamynda Jessika güýçli sesi we üýtgeşik zehini bilen tomaşaçylary özüne çekip, ýokary ýerine ýetiriş ukyplaryny görkezdi. Aýdymçynyň her aýdymy uly yhlas we söýgi bilen ýerine ýetirildi.

Все права защищены



Maglumat hökmünde belläp geçsek, Jessika Nýu-Ýorkda ýaşaýar we mugallymçylyk edýär. Ol köp gezelenç etmegi halaýar. Türkmenistan bu toparyň gezelenç eden 20-nji ýurdudyr. «Rok» aýdym-saz topary bolsa Jessikanyň garyndaşlarynyň gatnaşýan maşgala taslamasydyr: kaka (gitara), eje (klawiatura we wokal), adamsy (bas gitara), maşgala dosty (deprek). Rok žanry häzirki wagtda Nýu-Ýorkda kän meşhur bolmasa-da, Jessika ondan uly lezzet alýar.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены